# Halkyñ beren kepen puluny iýip, jeset torbasynda gömýärler…

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Halkyñ beren kepen puluny iýip, jeset torbasynda gömýärler…

HALKYÑ BEREN KEPEN PULUNY IÝIP, JESET TORBASYNDA GÖMÝÄRLER. BIZIÑ METBUGATYMYZ BOLSA HÄZIREM AWTODURALGALARY GÖRKEZÝÄR!

Beýsbol şypyrtmaly bir kemançy (skripkaçy) irden işe gidilýän wagtda Waşingtonyñ metro duralgasynda Bahdan parçalar çalýardy.
Sadaka toplamak üçin ýerde, edil öñünde kemanynyñ gabyny açyp goýupdy, kyrk bäş minutlap alty sany klassyky eseri seslendirdi.
Öñünden bir müñ togsan ýedi adam geçdi.
Diñe ýedi adam sägindi, olaram diñe bary-ýogy birküç minut diñläp, öz ýoly bilen boldular.
Sadaka üçin ýere serilen keman gabynyñ içinde 5-3 sent bilen zordan 32 dolar toplanypdy.
Ol pullary toplady, kisesine saldy, kemanyny gabyna saldy, basgançaklardan köçä çykdy, birinji duşan taksä mündi.
Waşingtonyñ iñ belli konsert merkezine gitdi.
Sahna çykdy.
Petekleriñ iñ arzany 100 dollara durýardy, emma konsert zalynyñ içinde märekeden ýaña aýak basmaga ýer ýokdy.
Çünki ol kemança "Gremmi" baýragynyñ laureaty Joşua Bell diýýärdiler.
Gabyna 5-3 sent oklanan kemany bolsa, üç asyrlyk taryhy we 3,5 million dollar gymmaty bolan "Stradivarius"-dy.
Kabul ediş (algı/восприятие) diýip, ine, şuña diýilýär.
Hakyky maglumat hakyky manysyndan, hakyky bolşundan daşlaşdyrylsa, gatlaklaryñ duýgy-düşünje mantygyny göz öñünde

tutulan tarapa gönükdirip bolýar.
Dünýäniñ iñ köp tiražly belli gazetlerinden "The Washington Post" tarapyndan geçirilen bu durmuşy synag… Aslynda näme bolanynyñ däl-de, nähili görünýändigininiñ möhümdigini subut edýär.
Edil siziñ ýadaman-ýaltanman sms ýollap soraýşyñyz ýaly…
Hakyky waka mälim edildimi?
Hakyky ölüm sany mälim edildimi?
Geliñ, dogry jogaby tapmagyñyz üçin biraz "habar" okalyñ…
Magdan gazylýan ýerde heläkçilik bolup geçýär.
Hassahanadan göni ýaýlymda gepleşik berýärler, ýaralylaryñ saglyk ýagdaýyny aýdýarlar.
Otly heläkçiligi bolup geçýär.
Hassahanadan göni ýaýlymda gepleşik berýärler.
Ýer titreýär.
Hassahanadan göni ýaýlymda gepleşik berýärler.
Terrorçylykly hadysa bolup geçýär.
Hassahanadan göni ýaýlymda gepleşik berýärler.
Köpçülikleýin kesel ýaýrapdyr…
Hassahanadan göni ýaýlymda gepleşik berýän barmy?
Näme görkezýärler size?…
Zol-zol awtoduralgalardan alyp, göni ýaýlymdan gepleşik berilýär.
Zol-zol boşap galan seýilgählerden alyp, göni ýaýlymdan gepleşik berilýär.
Zol-zol köçe-ýol hereketiniñ gözegçiliginden alyp, göni ýaýlymdan gepleşik berilýär.
Hassahanadan alyp näme üçin gepleşik berlenok?
Gadyrdan metbugatymyz awtoduralgada petek aljak bolýanlary alada edýär-de, näme üçin hassahanada demini sanap ýatanlary alada edenok?
Köçe-ýol hereketiniñ gözegçiliginde awtoulagdakylaryñ alnyna gyzgyn ölçeýji gural uzadyşlaryny her habarlar gepleşiginde görkezýärler, bu hakykatdanam möhüm zat, hökman görkezsinler, emma.. Kyrk gradus gyzgyny galyp, hassahananyñ howlusynda üsgüre- üsgüre özüne seredilmegine garaşyp ýatanlary näme üçin görkezenoklar?

Häzir dünýäde hassahananyň öňünde gepleşik bermeýän ýeke-täk metbugat bar, olam – biziň metbugatymyz!
(Analizi pozitiw çykan ildeşlerimizi öýlerine goýberýärler… Wirus bardygyna garamazdan, özünde wirus bardygyny aýtman, maşgala lukmanyna görnen näsaglar bar.
E-döwletden gözegçilik edilende, garşysynda oturan näsagyň aslynda koronawirus pozitiwlidigini gören maşgala lukmanlary bar.
Maşgala lukmanlaryna bary-ýogy bäş sany maska ýolladylar, bäş maska bolsa zordan bir güne ýetýär, elsüpürgiç ýollamadylar, başgap ýollamadylar, sellofan aýakgap ýollamadylar, demirçilerden kebşirleýjileriň maskasyny satyn alyp, näsaglara seretjek bolan maşgala lukmanlary bar.
Garaşylýan zala eşik serilýän ýüpi gerip, neýlon brendalar bilen goranmaga çalşan maşgala lukmanlary bar.
Gadyrdan metbugatymyz bolsa häzirem awtoduralgalardan gepleşik berýär).

(Koronawirus diagnozy goýlan ildeşlerimiziň eline resept ýazgyly kagyzlary tutduryp, öýlerine gaýtarýarlar… Adamlar dermanhanadan dermanhana gatnaý-gatnaý kesel ýolukdyrýarlar.
Haýsy dermanlardygyny aýdyp oturmaýyn, "şu-şu dermanlar gerek" diýip gelinse, şol raýatyň aslynda koronawirusdan keselländigini dermanhanalaryň ählisem bilýär.
Dermanhanalary aýlanyp ýörendigine garamazdan, e-döwletde “ýatan näsag” hökmünde hasaba alynan ildeşlerimiz bar!
Gadyrdan metbugatymyz bolsa häzirem köçe-ýol ulaglarynyň gözegçiliginden gepleşik berýär).

Efirde ýigrimi dört sagatlap professorlary gürledýärler, günüň-güni gaýtalanyp duran şol bir soraglary berýärler, geplemek üçin mikrofon uzadylan näsagyň ýeke hossary ýok.
Angliýanyň halyndan habar alýarlar, Italiýanyň düşen gününi görkezýärler, ABŞ-dan habar getirýär, şol ýerlerdäki soňky ýagdaýlar bilen gyzyklanýarlar, bärde geplemek üçin mikrofon uzadylan merhunyň ýeke hossary ýok.
Germaniýa, Angliýa, Italiýa, Gollandiýa ýagdaýy bolşy-bolşy

ýaly mälim edip durandyklary üçin şol ýerlerde aradan çykan türk raýatlarynyň kimdigini habarlardan bilip bolýar, wagtly-wagtynda aýdyp durlar… Eýse näme üçin bizde aradan çykan ildeşlerimiziň kimdigini biljek bolanoklar?
Iň soňky habarlary edinmek üçin Merkezi bankyň öňünde göni ýaýlymdan gepleşik taýýarlaýarlar.
Merkezi bank halkyň beren kepen puluny iýip, olary jeset torbasy bilen gömýärler, üstüne daş-damana oklaýarlar… Kilyosda, Beýkozda ekskowatorlar bilen gazylan mazarlardaky iň soňky habarlar bilen näme üçin gyzyklananoklar?
Men-ä bilmedim welin…
Hakykatlar boýunça beren soragyňyzyň jogabyny berip bildimmikä?
Eger hakyky maglumat hakyky manysyndan, hakyky bolşundan daşlaşdyrylsa, gatlaklaryň duýgy-düşünje mantygyny göz öňünde tutulan tarapa gönükdirip bolýar.
Keman şol bir keman…
Eýse mekan?

Ýylmaz ÖZDIL.

31.03.2020 ý, "Sözcü" gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby.

Jemgyýetçilik tankydy